# Dogramça / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Dogramça / hekaýa DOGRAMÇA

Tom King soňky döwüm çöregi bilen hamyrly sousyň soňky ýokundysyny syryp, tabagy tämizledi, ony uzak wagtlap dykgatly çeýnedi. Stoluň başyndan ol açlygyň ýürekgysdyryjy duýgusy bilen turdy. Ýogsa, nahary onuň bir özi iýipdi. Oglanlarynyň ikisinem, uklasalar, belkäm, açlygy unudarlar diýen umyt bilen goňşy otagda irgözin ýatyrypdylar. Aýaly duz datman, dymyp oturyşyna gaýgyly halda ärine seredýärdi. Bu aýal işçi gyzy bolup, arrykdy, mejalsyzdy, ozalky mylakatlylygyny az-kem saklapdy. Nahar üçin uny ol goňşulardan karz alypdy. Ahyrky iki polpenni* çörek üçin harç edilipdi.
Tom King äpişgäniň öňünde lagşan, eýesiniň agramyna jygyldap duran oturgyja çökdi. Şybygyny biygtyýar agzyna ýetirdi. Gapdal jübüsini sermedi. Temmäkiniň bolmazlygy ony aňyna aýlady, özüniň huşsuzlygyna käýinip, şybygy gapdala taşlady. Onuň hereketleri haýal-ýagaldy, tagaşyksyz diýen ýalydy, ol öz muskullarynyň agramynyň astynda halys bolana meňzeýärdi. Bu adam uçursyz haýbatly görünýän, deşli, epeý pyýadady. Sypaty onçakly özüne çekiji däldi. Sary giden, gelşiksiz geýimleri hopul-sopuldy. Könelen paşmaklarynyň aşagyna atam eýýamyndan galan, çakdanaşa agyr oltaň urlupdyr. Mugtuň bäri ýany, iki şillinglik** köýneginiň ýakasy birçak esgä dönüpdir, oňa siňen tegmiller bolsa arassalanmakdan ötüşipdir.
Tom Kingiň nä kär edýändigini onuň ýüzüne – tüýs ýerinden gelme boksçynyň ýüzüne seredip, ýalňyşman bilmek mümkin. Uzak ýyllar ringde çekilen zähmet oňa söweşe taýyn ýyrtyjynyň nähilidir birhili seresaplylygyny berip, ýüzüne tagma baryny basypdyr. Hamana, bu hyrsyz ýüzdäki tagmalaryň mümkingadar hemmesi aýdyň görünsin diýlen ýaly, sakgal-murt arassa syrylypdyr. Dodaklary daşyna çöwrülip duransoň, agzy çapyga meňzeş. Agyr hem gabaraly aşaky äňi öňe çykyp dur. Ýellenip duran gabaklarynyň, güri gaşlarynyň astynda ýatan äwmezek

gözlerinde mätäçlik alamatlary bar ýalydy.
Hawa, Kingiň daş sypatynda, aýratyn-da garpyşyga mähetdel şiriňki ýaly ukudan aýňalmadyk gözlerinde gümansyz birehimlik bardy. Dar maňlaýy ýapgytdy, gytyk gyrkylan saçlarynyň aşagyndan betgelşik kellesiniň tüňňi ýerleri mese-mälim görnüp durdy. Iki gezek döwlüp, bihasap urgulardan ýaňa sandan çykan burny, mazaly eýi ýetirilip, adatdakysyndan iki esse ulalan we hemişe çişip duran galkan gulaklary hem oňa asyl-ha gelşik bermeýärdi, täzeräk syrylan-da bolsa, eýýäm dürterip çykyp gelýän sakgaly ýaňagyna gögümtil öwüşgin berýärdi.
Gepiň tümmek ýeri, Tom Kingiň daş sypaty niredededir bir garaňky köçejikde ýa-da haýsydyr bir çola ýerde sataşsaň, zähräňi ýarjak. Aslyýetinde welin, ol jenaýatkär däl, hiç haçan hiç hili jenaýata baş goşmandy. Käte-käte gahar atyna atlanmasy onuň durmuşynda adaty ýagdaýdy. Emma ol kişiniň zeleline çapan adam däl. Onuň kimdir biri bilen tersleşenini ýa-da gyzyl ýumruga girişenini bu jelegaýlarda gören ýok. Tom King professional boksçydy we özüniň ähli söweşjeň gazaplylygyny professional çykyşlary üçin aýap saklady. Ringiň daşynda ol sowukganly, äwmezek, biperwaý, geçirimli. Jahyl çaglary bolsa, pulunyň kän wagty özi hakda aladalanmazdan, sahylyk etdi, eli açykdy. Ol içinde kitüw saklap ýörmezdi, şol sebäpli-de ýagysy azdy. Boks onuň ýaşaýyş serişdesine öwrülipdi. Ringde ol garşydaşyny awundyrmak, basyp ýatyrmak, galmaz etmek üçin urgulary ulanýardy. Emma muny ýaman niýet bilen etmeýärdi. Bu onuň üçin adaty işdi. Tomaşakärler üýşüp gelerdiler-de, bäsdeşleriň bir-birini nähili nokautirleýändigini synlamak üçin pul tölärdiler.
Ýeňijä pul baýragynyň uly bölegi ýetýärdi. Ýigrimi ýyl ozal Tom King Ulumulu Gujer bilen ringe çykanynda Gujeriň nýu-kaslsk bäsleşiginde aşaky äňiniň döwlüp, ýarasynyň bitenine dört aý bolandygyny bildi. Bildi-de, garşydaşynyň aşaky äňini göz astyna alyp, dokuzynjy raundda ony gaýtadan döwdi. Bu onuň Gujere duşmançylygy üçin däl-de, eýsem, garşydaşyny serip, ýeňijä goýlan baýragy almagyň has ähtibarly usulydy. Munuň üçin Gujerem oňa gahar edip durmady. Oýnuň kanuny şeýledi. Muny olaryň ikisi-de bilýärdi hem oňa eýerýärdi.

Tom King geplemsek däldi. Penjiräniň öňünde oturyşyna ol hyrsyz nazar bilen ellerine seredip dymdy. Onuň penjeleriniň arka ýüzünde ýellenen, ýognas damarlar somalyşyp durdy. Barmaklarynyň ýasy hem betnyşan bogunlary edilen işleriň güwäsidi. Adam ömri onuň arteriýasynyň ömrüdir diýip, Tom King hiç haçan eşitmändi. Ýöne bu gabaryp duran, ýognas damarlary ol iňňän gowy bilýärdi. Onuň ýüregi çenden ýokary basyş bilen bu damarlardan çakdanaşa kän gan akdyrdy. Olar indi öz işleriniň hötdesinden gelip bilmeýärdiler. Ol bijaý agyr işleriň ýowuz şertlerinde ulanyp, bu damarlary çeýelikden hem dözümlilikden mahrum etdi. Indi ol surnukdy. Indi onuň ýigrimi raund başdan-aýak hyjuwly uruşmaga, ýumruklaşmaga, söweşmäge, kä urgana gysylyp, kä garşydaşyny urgana diremäge, ahyrky ýigriminji raundda bütin zal şowhun turzup, tarsa-tarsa ýerinden galanda hemme okgunlylygyny we ähli kuwwatyny bir ýere jemlemek üçin her raundda öz hüjümleriniň gazabyny güýçlendirmäge, hüjüm edip, urup, urgudan sowulmaga, gaýtadan we gaýtadan garşydaşyna urgulary doly ýaly ýagdyrmaga, şeýle hem şolar ýaly urgulary özi çekmäge ragbaty ýok. Söweşýän wagty çişen damarlary soňlugy bilen hemişe ozalky kaddyna dolanýardy, ýöne her gezek öňküsinden azajyk-da bolsa, bilniksiz ýellenýärdi.

Tom King damarlaryna, barmaklarynyň betnyşan bogunlaryna seretdi. Şonda onuň elleriniň men diýen wagty, “Walliý Bedroýy” lakamy bilen belli bolan Benni Jonsuň kellesine urup, süňkleriniň birini owradandygy ýadyna düşdi.

Açlyk ony gaýtadan gysyp-gowrup başlady.

-Bäh! Indi bir bölejik et tapylmadymy? – diýip, ol äpeň ýumruklaryny düwüp, hüňürdedi, ýuwaş sögündi.

-Men synanyşyp gördüm, Berkdenem, Souleýdenem soradym… – diýip, aýaly günäli halda dillendi.

-Bermedilermi? – diýip, ol sorady.

-Bir polpenniligem bermediler. Berk neme diýdi… – Aýaly sakyndy.

-Aýt soňuna çenli! Näme diýdi ol?

-Onsuzam biz ondan öň kän zat aldyg-a iýer ýaly. Näme, indi Sendl seni ýeňäýermi?

Tom King içini hümletdi, ýöne dymdy. Ýaş wagtlary ýasy tumşuk, kelte aýak it saklany we ony gerk-gäbe bolýança et bilen naharlan wagtlary birdenkä onuň hakydasyna geldi. Şonda Berk Kinge müň sany bifşteks karz bermeli bolsa-da, ynanardy. Ýöne o döwürden oba göçdi. Tom King gojaldy. Ikinji derejeli klublaryň bäsleşiklerinde çykyş edýän garry boksçylar bolsa, dükançylara eden lomaý bergisini hasaplaşyp bilmeýärdiler.
Tom King şu gün ir bilen bir bölek sygyr etiniň endişesi bilen örläpdi. Onuň endişesi köşeşmedi. Üssesine-de ol öňde duran söweş üçin ýeterlik türgenleşik geçmändi. Bu ýyl Awstraliýada gurakçylyk boldy-da, hiç bir kişiň işi oňuna bolmady. Hatda tötänleýin gabat gelýän işlerem tapaýmak aňsat düşmeýärdi. Tom Kingiň türgenleşik üçin ýoldaşy ýokdy, naharlanyşy gaty ýaramazdy, doýup iýen wagty seýrek boldy. Başa baran ýagdaýynda käte birnäçe günläp gara işlerde işledi. Ir bilen bolsa, aýaklaryny türgenleşdirmek üçin Domen parkynyň daşynda ylgaýardy. Emma ýoldaşsyz türgenleşik kyndy, aýalyň bilen çagalaň seň eklenjiňe gözüni dikip otyrka-ha asylam. Sendl bilen boljak tutluşyk üçin onuň dükançylara bergisi onçakly artmady. Geýeti klubuň sekretary oňa üç funty – baýragyň ýeňlen üçin berilýän bölegini öňünden beripdi. Şondan artyk bir zat bermekden boýun gaçyrypdy. Wagtal-wagtal King köne dostlaryndan birnäçe şilling karz alardy. Olar köpräk karz berselerem, bererdiler welin, gurakçylyk zerarly öz ýagdaýlary hem öwerlik däldi. Ýok, hakykaty gizläp nätjek, King ýaryşa ýaramaz taýynlandy. Oňatja iýip-içmelidi we munça alada-ünjiniň geregi ýokdy. Onsoňam ýigrimi ýaşdaky bilen deňeşdireniňde kyrk ýaşda pormyňy saklamak müşgil iş.
-Sagat näçe, Lizzi?
Aýaly wagtyň näçe bolanyny bilmek üçin goňşulara garşy ylgady we dessine dolanyp geldi.
-On bäş minudy kem sekiz.
-Birinji tutluşyk ýene birnäçe minutdan başlanýar – diýip, King aýtdy. – Bu diňe synag üçin. Soň Diller Uells bilen Gridli dört tapgyr, ondan soň Skaýlaýt bilen bir matros on tapgyr uruşar. Maňa bir sagat dagyn wagt bar.
On minut çemesi dymyp oturandan soň ol ýerinden turdy.

-Dogrusyny aýtmaly, Lizzi, mende hakyky türgenleşik bolmady.
Şlýapasyny alyp, King gapa tarap ýöneldi. Ol aýalyny öpmedi. Hoşlaşmazdan öň hiç mahalam ony öpmeýärdi. Ýöne bu gezek aýalynyň özi ärini ogşamagy ýürgine düwdi, ellerini boýnundan dolap aldy-da, Kingi egilmäge mejbur etdi. Şonda ol äriniň mähnet göwresiniň ýanynda has-da kiçelen ýaly bolup göründi.
-Üstünlik dileýän, Tom! – diýip, aýaly aýtdy. – Sen ony hökman ýeňmelisiň.
-Hawa, men ony ýeňmeli – diýip, ol gaýtalady. – Başga hiç hili gürrüň bolmaly däl. Men ony ýeňmeli, wessalam!
Ol ýasama şatlyk bilen ýaňsyly ýylgyrdy. Aýaly bolsa, oňa has-da gysmyljyrady. Ol aýalynyň egniniň üstaşyry garypja otagyna göz aýlady. Dünýede onuň özüne degişli zatlaryň ählisi şu ýerdedi: köp wagtdan bäri haky tölenmedik otag, aýaly, çagalary. Ýassykdaşy bilen çagajyklaryna ölmez-ödi gazanmak üçin ol gijelerine eklenje giderdi. Häzirki zamanyň işçileriniň birsydyrgyn, surnukdyryjy işe gidip, gazanç etmekleri ýaly däl-de, gadymky, ezeli haýbatly, ýyrtyjylyk häsiýetli söweşe giderdi.
-Men ony hökman ýeňäýmeli – diýip ol gaýtalady, bu gezek sesinde lapykeçlik äheňi duýuldy. – Eger ýeňsem, otuz funt berýärler, ähli bergileri üzerin, ýene-de eslije pul galar. Ýeňiläýsem, kör-köpügem ýok. Hatda tramwaýa münüp, öýe geler ýaly pulam alyp bilmen. Ýeri, bolýar, hoş gal, kempir. Ýeňsem, göni öýe gelerin.
-Men ýatman, garaşjakdyryn – diýip, aýaly onuň yzyndan gygyryp galdy.
Geýeti kluba çenli dogry iki mil*** bardy. Köçeden ýöräp barşyna Tom King Täze Günorta Uellsiň agyr agramdaky çempiony bolan şowly hem bagtyýar günlerini ýatlady. Şonda ýaryşa paýtunly äkiderdiler, onuň üçin uly möçberdäki pullary goýanlardan kimem bolsa biri paýtunyň hakyny tölärdi. Ynha, indi Tommi Berns bilen garaýagyz Jek Jonson awtoulag münüşip ýörler, Tom bolsa pyýada! Dogry iki mili çalt ýöräp geçmek tutluşyk üçin möhüm taýýnlyk däl, muny bilmeýän barmy? Ol garrady, durmuş garrylary hülli-hülli etmeýär. Ol indi gara işden başga zada ýaramaýar, oňa-da ýenjilen burny bilen

betnyşan gulagy päsgelçilik döredýär. Haýp, ol nähili-de bolsa bir hünär edinmändir. Görnüşi ýaly, şol oňat boljak eken. Öz wagtynda hiç kim oňa şular ýaly maslahat bermändir. Ýöne barybir şol wagtlar hiç kime gulak asmajakdygyny ýürejigi bilen bilip dur. O döwürler onuň üçin durmuş ýeňildi. Ummasyz kän pul, gyzgyn, hyjuwly söweşler, uzak möhletli dynç alyşlyklar, eli boşluk… Daşynda hozanaklaşyp ýören ýaranjaňlar… Arkasyna kakylşyklar, el gysylşyklar… Kaşaň geýinmeklik, bir-birinden öňürtmek üçin basga düşüp, içgi hödürleýän adamlar, özi bilen bäş minutlyk gürrüňleşmegi ýokary mertebe hasaplaýanlar… Ahyrynda-da joşgunly mähelle, tolgundyryjy finallar, emininiň: “King ýeňdi!” diýen bildirişleri we ertesi güni gazetleriň sport habarlary sütüninde adynyň çykmagy.
Hawa, örän ajap döwür bolupdyr! Ýöne häzir endik boýunça ol bu barada howlukman kän oýa batansoň, şo ýyllar garry boksçular bilen tutluşandygyna aýdyň düşündi. O döwürler ol Ýaşlygyň dogup gelýän ýyldyzydy, garry boksçular bolsa, Gojalygyň ýaşyp barýan şapagydy.
Belli zat, olardan rüstem çykmak aňsatdy. Olaryň damarlary çişgindi, bogunlary şikeslidi, bedenleri bihasap garpyşyklardan ýaňa aýňalmaz derejede usurgandy. Raş-Katters Beýde gojalan Stouşer Billi tutluşygyň on sekizinji tapgyrynda urup ýykany onuň ýadyna düşdi. Şonda goja boksçy geýim çalşyrylýan ýerde edil çagajyk ýaly aglapdy. Belki, şo wagt Billiň ýaşaýan jaýynyň töleg möhleti geçendir? Bäsleşik güni Billiň itiň ajy bolup, bir bölejik et iýesi gelen bolmagy hem mümkin. Gojanyň şo gezek aňsat boýun egesi gelmändi. Tom bolsa zalymlyk bilen onuň eýini ýetiripdi. Onuň gününe özi düşensoň, häzir ol ýigrimi ýyl mundan öň, şol agşam Stouşer Billiň nä sebäbe görä ýeňillik bilen gazanylýan puluň hem şöhratyň hatyrasyna garpyşýan ýaşajyk Toma garanyňda orta kän pul goýandygyna düşündi. Stouşer Billiň geýim çalşyrylýan ýerde aglamagynda düşnüksiz zat ýok.
Hawa, mälim bolşy ýaly, her kime tutluşyk üçin kesgitli güýç-kuwwat berlipdir. Söweşiň demir kanuny şeýle. Biri ýüzlerçe agyr söweşiň hötdesinden gelýär, beýlekisi bolsa, bary-ýogy

ýigrimi söweşe tap getirýär. Her kişiniň pellesi ýasawyna we ýürek joşgunyna görä belli bir wagta çenli ýetýär, ondan soň ol gutaran adam. Beýlekilere garanyňda Tom King uzakçyl bolup çykdy. Onuň paýyna ýowuz hem sütüniňi süýndirýän söweşler düşüpdi. Şonda öýkeni üzüläýjek bolýardy, ýüregi urmasyny bes etjek ýalydy, gan damarlary çeýeligini ýitirip, ýaşlygyň ýylmanak bedeni ýumşak maýyşgaklygyndan gataňsy büdür-südürlige öwrülýärdi, janynyň ýangyjyna çydamy iň soňky hetdine ýetýärdi, aňy we bedeni çakdanaşa dartgynlylykdan surnugardy. Şonda-da ol beýlekilerden uzakçyl bolup çykdy. Ozalky ýoldaşlarynyň ählisi söweş meýdanyndan gitdiler. Ol könelerden iň soňky bolup galdy. Ýoldaşlary onuň gözüniň öňünde hatardan çykdylar we munda Kingiň hem tagallasy bardy.
Ony gojalaryň garşysyna çykarardylar. Ol ýeke-ýekeden urup ýatyrardy we geýim çalşyrylýan ýerde goja Stouşer Bill ýaly aglaýyşlaryny görüp, olaryň üstünden gülerdi. Indi Tomuň özi gojaldy, ýaş boksçular bolsa, onuň garşysyna çykyp, güýçlerini synaýarlar. Ine, şü agzysary Sendl näme? Ol Täze Zelandiýadan şöhrat baryny alyp geldi. Bu ýerde, Awstraliýada ony tanaýan ýok. Özüni-de garry Tom Kingiň garşysyna goýberýärler. Eger şu gün Sendl özüni görkezäýse, onda onuň garşydaşyny güýçlendirerler, baýragyny ulaldarlar. Şonuň üçinem ol bu gün iň soňky demine çenli gidişer. Çünki bu söweşd oňa ähli zady – pul, şöhrat, mertebe gazanmaga mümkinçilik bar. Baýlyga we şöhrata eltýän bu giň ýoluň ugrunda bolsa, garry, çal King böwet bolup dur. Tom Kinge, jaý tölegini we dükançylara bergisini üzlüşer ýaly bary-ýogy otuz funt bar diýäýmeseň, indi utar ýaly hiç bir zat galmady. Şu zatlar barada oýlanan wagty onuň kütek aňynda öýkendir ýüregiň ýadawlygyny bilmeýän, sagdyn, ter bedenli, ýeňilmezek, şadyýan Ýaşlygyň, lowurdaýan keşbi örboýuna galdy. Gujur-gaýratyny aýap saklaýanlaryň üstünden gülýän Ýaşlygyň suraty göz öňünde janlandy. Hawa, Ýaşlygyň özi – öwez tölegi! Ol gojalary çym-pytrak etmek bilen bir wagtda öz-özüni puja çykarýandygy barada pikirem edenok. Onuň gan damarlary çişip, barmaklarynyň bogunlary ýasylanýar, wagty gelende bolsa, gopbamsy Ýaşlyk onuň özüni-de amana getirýär. Şoňa görä, Ýaşlyk hemişe gögele bolýar. Diňe

nesiller garraýar.
Keslri köçesine ýetip, ol çepe sowuldy. Üç kwartaly kesip geçensoň, Geýeti kluba bardy. Girelgäniň agzynda sömelişip duran bezzat ýetginjekleriň hümeri gadyr edip, ýol berdi. Ol ýeňsesinden:
-Ynha, ol! Ine, Tom King! – diýen sesi eşitdi.
Geýim çalşyrylýan ýere barýarka gözleri oýnaklap duran, tilki tumşukly ýaş sekretara duşdy. Ol onuň elini gysyp:
– Özüňizi nähili duýýarsyňyz, Tom? – diýip sorady.
– Gül ýaly! Kem zadym ýok! – diýip, King häzir jübüsinde ýekeje funt sterling bolanlygynda ony pikirlenmän oňatja bir dogramça üçin harç etjegini bilip duranam bolsa, ýalan sözledi.
Ol geýim çalşyrylýan ýerden çykyp, öz kömekçileriniň gallamagynda oturgyçlar bilen ortarada daşyna urgan aýlanan inedördül meýdançanyň arasyndan ýöräp ugrady, garaşmakdan sabry tükenen mähelle gürrüldili el çarpyp, ony garşy aldy. Tom King sagyna, çepine baş egdi we şonda tanyş ýüzleriň azdygyny belledi. Tomaşaçylaryň agramy gögele oglanlardy, Tom ringdäki ilkinji şöhratly ýeňişlerini gazanan mahaly bular entek dünýä inmändi.
King urganyň aşagyndan sümülip, ýeňillik bilen meýdança böküp çykdy, öz oturmaly künjegine baryp, eplenýän oturgyja çökdi. Emin Jek Boll elini gysmak üçin oňa garşy ýöneldi. Boll on ýyl gowrak mundan ozal boksçulygy taşlapdy. Onuň şu günki söweşe emin bellenmegine King begendi. Olaryň ikisi-de gojalypdy. Bolla bil baglap boljakdygyny Tom bilýärdi. Eger ol azak-tenek düzgüni bozup, Sendliň hötdesinden geläýse, Boll temmi berjek bolup durmaz.
Irimçik, deşli ýaşlar ýeke-ýekeden meýdançada peýda boldular. Emin olary köpçülige tanadyp, yz ýanyndanam goýulýan puluň mukdaryny yglan etdi.
-Demirgazyk Sidneýden ýaş Pronto ýeňijini çagyrýar! – diýip, ol dabara bilen habar berdi. – Elli funt goýýar!
Märeke el çarpdy. Sendl urgandan böküp geçip, öz künjegine baryp oturanda-da el çarpyşdylar. Tom King bilesigelijilik bilen garşydaşyna nazar aýlady. Ýene birnäçe minutdan olar

garşydaşyny tä özünden gidýänçä ýençmek üçin ähli güýjüni ulanyp, gazaply söweşde garpyşarlar. Ýöne King Sendli oňatja gözden geçirip bilmedi, çünki ol Tomuň özi ýaly jalbarlydy we sport eşiginiň üstünden switer geýipdir. Sendliň görmegeý keşbinde batyrgaýlyk bardy, altyn öwüşginli buýra saçlary maňlaýynda burum-burum bolup durdy, gataňsy etlek ýaňaklary eýesiniň iňňän gujurlydygyny äşgär ädýärdi.
Ýaş Pronto burçdan burça aýlanyp, garşydaşlarynyň elini gysyp bolansoň, ringden düşüp gitdi. Dabaraly çagyryşlar dowam etdi. Entek tanymal bolmadyk, emma özleriniň gara güýjüň hem emeliň ýeňijisi bilen döş direşmäge taýyndygyny bütin dünýä jar etmäge howlugýan hyjuwly ýaşlar ýeke-ýekeden urgandan ätleşip gelýärdiler. Birnäçe ýyl mundan öň şan-şöhratyň çürbaşyna çykan ýeňilmezek Tom King üçin söweşiň öňüsyrasyndaky şeýle dabaralar gülkünç hem tukat bolup görünýärdi. Häzir bolsa ol edil jadylanan ýaly, Ýaşlyk paradyndan gözüni sowmaga gurby ýetmän otyr. Hemişe-de şeýle bolupdy – ýaşlar tapgyr-tapgyr bolup gelerdiler-de, urgandan böküp geçip, söweşe çagyrardylar. Uçugyny alan goja boksçular olaryň öňünde birsyhly baş egerdiler. Ýaşlar gojalaryň egninden basyp, üstünlige dyrmaşýardy we gitdigiçe köpelýärdi. Munuň özi egsilmez hyjuwly, ýeňilmezek Ýaşlykdy. Olar tutluşykda garrylary mydama amana getirerdi, soňlugy bilen özleriniňem ýaşy gaýdyşyp, pessaýlardy, yzlaryndan bolsa, olara zor salyp, arman-irmän, tükeniksiz nobat bilen täze-täze nesiller gelýärdi. Bu hemişe-de şeýle bolar. Ýaşlygyň welin öz ýoly bar, ol hiç wagt ölmeýär.
King galamgärleriň oturan hataryna nazar aýlady. “Sportsmen” neşirinden Morgana we “Referi” neşirinden Korbettä başyny atdy. Onsoň kömekçileri Sid Selliwen bilen Çarli Beýtse ellerini uzatdy. Olar Kingiň bogunlaryndaky sargylaryny şübheli gözden geçiren Sendliň kömekçisiniň ünsli garaýyşy astynda ellikleri geýdirdiler we pugta çekdirip daňdylar. Şo wagt Kingiň Sendli barlagdan geçirýän kömekçisi hem öz wezipesini ýerine ýetirdi. Sendliň jalbaryny çekip çykardylar, ol ýerinden ör turdy, onuň dik ýakaly, ýyly köýnegini kellesiniň üstaşyry egninden sypyrdylar we Tom King öňünde

Ýaşlygyň aýdyň şöhlelenmesini – ýalpyldawuk deriniň astynda edil janly ýaly oýnaýan berk muskullary, gujurly döşi gördi. Bu bedende durmuş gaýnap joşýardy we Tom King munuň entek terligini ýitirmändigini, ysgyn-mydardan gaçyrýan, uzak tutluşyklaryň netijesinde az-azdan Ýaşlygyndan jyda düşýän gujuryň, hyjuwyň egsilmän durandygyny bildi.
Garşydaşlar bir-birine garşy ýöneldiler. Tebil kakyldy. Kömekçiler eplenýän oturgyçlary alyp ýere düşdüler. Tom King we Sendl el gysyşyp görüşdiler-de gaýra çekildiler. Sendl polatdan hem ýaýjykdan oňat edilip ýasalan tilsimat ýaly bolup, dessine herekete geçdi, öňe sürünip, yza tesip, gaýtadan ýene öňe süýşüp, çep ýumrugy bilen Tomuň gözüne, sag eli bilenem gapyrgasynyň aşagyna urdy, jogap urgusyndan sowulmak üçin ýapyryldy, tans oýnaýan ýaly ýeňillik bilen yza çekildi, şolar ýaly edibem öňe garşy haýbatly böküş etdi. Ol okgunly hem çalasyndy. Tomaşa gyzykly görünýärdi. Märeke göçgünli gykylyk etdi. Ýöne King bular ýaly tomaşany bu gün görmeli däl. Ol bular ýaly ýaş boksçularyň ençemesi bilen gör, näçe gezek söweşe çykdy. Eýmendiriji bolar ýaly hetdenaşa çakgan hem uçursyz çalasyn urgularyň bahasyny bilýärdi. Görnüşine görä, Sendl tutluşygy derrew çözmek hyýalyna münen ýaly. Bu ýagdaýa garaşaýmalydy. Ýaşlyk şeýdiberýär, özüniň deňsiz-taýsyz artykmaçlygyny, birgeňsi görküni zarbaly hüjümlerde we gaýduwsyz garpyşyklarda jalaý sowurtlap, ýeňşe bolan teşneliginiň hem güýjüniň ajaýyplygy bilen garşydaşyny basyp ýatyrýar.
Ýeňilaýak, göçgünli, çeýe muskullary we endamy akjaryp lowurdaýan täsin gudrat – Sendl bir maksada gönügip, şöhrata barýan ýolunda keserip duran Tom Kingi derbi-dagyn etmek üçin ha onda, ha munda, gaýyp barýan gaýyk ýaly ýalpyldap, sümülip, müňläp hereketi göz gamaşdyryjy zarbada jemläp, öňe sürünýärdi, gaýra tesýärdi. Tom King muňa takat bilen döz gelip durdy. Ol öz ýagdaýyny bilýärdi. Ýaşlygyň nämedigine öz juwanlygy yzda galansoň göz ýetirdi. Häzir garşydaşy ysgyndan gaçýança diňe garaşmalydy. Şo sebäpli ol gülümsiräp, epilip, bilgeşleýin öz depesini agyr urgyň astynda goýdy. Bu al salmagyň bir usulydy, ýöne boksda rugsat edilen düzgündi. Öz

süýegini her kimiň özi goramalydy. Eger garşydaşyň erjellik bilen seň depäňe ýelmeýän bolsa, özüňden gör. King aşak eglip, urgulardan sypyp biljekdi. Ýöne onuň başky tutluşyklary, ilkinji gezek Walliý Bedroýynyň kellesinde barmaklarynyň bogunlaryny ýasylaýyşy ýadyna düşdi. Indi şo ýagdaý öz başyna geldi. Bu sapalak onuň kellesinde Sendliň öz barmagynyň süňkjagazlaryny kül-owram etmegi üçin niýetlenendi. Häzir Sendl gyzgynyna muny duýmasa-da, darkaşyň ahyryna çenli biagyrylyk bilen urgy üstüne urgy inderer. Ýöne haçanam bolsa bir mahal, uzak söweşlere girişende muny bilip galar, şonda Sendl yzyna seredip, bujagaz barmak süňküni Tom Kingiň kellesinde owradandygy üçin öküner.
Birinji raundda başdan aýaga diňe Sendl hüjüm etdi, tomaşa edilýän zal onuň ýyldyrym çaltlygyndaky berbat ediji hüjümlerine haýran galyp güwleýärdi. Ol Kingiň üstüne üznüksiz urgulary ýagdyrdy, King bolsa gaýtargy bermedi. Ýekeje gezegem urmady, diňe bukuldy, sümüldi, öňünden sowuldy, hüjümlerden aman sypmak üçin garşydaşyna dykylyp ýapyşdy. Ol alňasaman hereket etdi, wagtal-wagtal kellesini silkeläp, saldamly urgulary iýip, ähli agramyny aýaklaryna berip, boş haýbat atdy, ýeke gezegem öňe ümzük atmady, ýeke gezegem böküp yza çekilmedi, asla hiç hili güýç sarp etmedi. Seresaply Gojalyk gaýtawul bermezinden öň, goý, Sendlde Ýaşlygyň köpürjikleri synsyn. Kingiň ähli hereketleri sazlaşyklydy, äwmezekdi, agyr gabaklary bilen örtülen gözleri we doň garaýyşlary oňa seňselän ýa-da oýaly-ukuly halda gezip ýören adamyň keşbini berýärdi. Ýöne onuň gözleri hemme zady görýärdi, ringde geçen ýigrimi ýyl gowrak wagtyň dowamynda hiç bir zady nazaryndan sypdyrmazlygy öwrenipdi. Urgy degen wagtynda onuň gözleri süzülmeýärdi, gorky inmeýärdi, olar pelläni çaklap, sowuklaç bakar durardy.
Raund gutarandan soň bir minutlyk arakesmede Tom King burça geçip, öz ýerinde dynç aldy. Kömekçileri süpürgiç bilen ýelpeýän wagty ol aýaklaryny uzadyp, gollaryny giňden gerip, olary urgana goýup, kükregi hem garny bilen çuňňur dem aldy. Gözlerini ýumup, köpçüligiň sesine gulak saldy.
— Sen nämüçin urşaňok, Tom? — diýip, tomaşaçylaryň käbiri

gygyrdy. – Ýa sen ondan gorkýaňmy?
– Muskullarynyň gowuşgynsyzlygyndan! – diýip, birinji hatarda oturan biri jogap berdi. – Ol çalt hereket edip bilenok. Sendl üçin biriň garşysyna iki funt goýýan!
Tebil kakyldy, garşydaşlar oturan künjeklerinden gozgandylar.
Sendl aralygyň dörtden üç bölegini geçdi, onuň karary ýetenokdy, King bolsa özüniň az ýöremeli bolanyna hoş boldy. Bu onuň güýjüni aýamak usulyna bap gelýärdi. Ol oňat türgenleşik geçmändi, ýaramaz naharlanypdy, indi her bir ädimini aýamalydy. Üssesine-de ringe çenli iki mili pyýada ýöräpdi. Bu raund ozalkyň gaýtalanmasy boldy. Sendl garşydaşynyň üstüne tüweleý ýaly okduryldy, Kingiň nä sebäbe görä uruşmaýandygyna gahary gelen tomaşaçylar gygyryşdylar. Birnäçe gowuşgynsyz, netijesiz urgulardan hem boş haýbatdan gaýry Kingiň bitiren işi bolmady, diňe öňünden sowuldy, gorandy, urmaga maý bermezlik üçin garşydaşyna dykylyp ýapyşdy. Sendl hyjuwly söweş üçin jan etdi, ýöne köp çarşenbäni başdan geçiren King gaçgalaklady. Ol edil Gojalygyň edişi ýaly, yhlas bilen güýjüni aýady. Tutluşyklarda şikes baryny alan ýüzüni gussaly ýygnanyşyga baranyndaky ýaly görnüşe getirip, it ýylgyryşyny etdi. Sendl bolsa Ýaşlygyň hut özüdi, Ýaşlygyň ajaýyp bigamlygy bilen güýjüni gaýgyrmaýardy. King – ringiň ussady, ringde geçiren köpsanly agyr söweşlerinden ýeterlik pähim edinipdi. Onuň hereketleri haýal-ýagaldy. Ol bir sekundam aljyraman, sowuk garaýyş bilen Sendle esewan etdi, onuň söweşjeň hyjuwynyň sowaşaryna garaşdy. Tomaşakärleriň aglabasy Kingi tapdan gaçan, tama edip bolmaz derejede gowşak hasaplaýardy. Şol sebäpli olar seslerine bat berip, Sendl üçin biriň garşysyna üç goýýandyklaryny yglan etdiler. Ýöne Kingi öňden oňat tanaýanlar – beýle adamlar köp däldi – onuň ýeňjekdigine ynanyp, jedele girdiler.
Üçünji raund hem öňküler ýaly, Sendliň işjeňligi bilen başlandy, ol dowamly hüjüm edýärdi. Ýarym minut çemesi wagtdan Sendl özüne göwnüýetijilik bilen arkaýynlaşyp, öňüni açdy. Kingiň gözleri uçganaklady, şol pursat onuň sag eli ýokarlygyna galgap gitdi. Bu onuň agyr göwresiniň üstünde ýarym aýlaw edip, bar güýjüni gönükdirip, tirseginden ýarym

epilen eli bilen uran ilkinji çynlakaý urgusydy. Edil amatyna garap ýatan ýolbarsyň ýyldyrym çaltlygynda penjesini aýlaýşy ýalydy. Urgy Sendliň äňine degdi we ony öküz ýykan ýaly ýere serdi. Tomaşakärler yraň atyp, ah çekdi, zaldan makullaýjy pyşyrdylar eşidildi. Ýok, bu gojanyň muskullaryna gowuşgynsyz diýer ýaly däl, sag eli edil demirçiniň tokmagy ýaly!
Sendli aljyraňňylyk basdy. Ol öwrülip, ýerinden galmakçy boldy. Ýöne kömekçileri onuň tä emin ýanyna baryp sanaýança garaşmagyny aýdyp gygyryşdylar. Emin üstüne abanyp, gulagynyň ýanynda gygyryp sanaýança ol bir dyzyna galyp garaşdy. Eýýäm dokuzynjy sekuntda Sendl söweşe taýýar halda örboýuna galyp durdy. Oňa garap durşuna Tom King urgynyň sähelçe aşak – garşydaşynyň göni eňegine degmändigine gynandy. Degen bolsady, nokautirläp bilerdi. Şonda kisesi otuz funtly King eglenmän, öýüne, çagalarynyň ýanyna giderdi.
Nobatdaky raundyň üç minuty geçýänçä tutluşyk dowam etdi. Sendlde bäsdeşine bolan hormat-sylag dörän ýaly bolup göründi. Kingiň bolsa, entegem şol äwmezekligidi, garaýyşynda öňküsi ýaly sustluk bardy. Kömekçileri urganyň aşagyndan sümülip geçmäge taýýar halda ringiň ýanynda çommalyp oturanlaryndan King raundyň ahyrlap barýandygyna düşündi we söweşi öz künjegine golaý ýerde dowam etdi. Tebil kakylan dessine ol özüni oturgyja goýberdi. Sendle bolsa öz künjegine barmak üçin tutuş meýdançany gyýalygyna kesip geçmek gerekdi. Bu bir ýönekeýje ownuk zatdy. Ýöne ownuk zatlaram üýşüp, ähmiýeti pes bolmadyk netijelere getirip bilýär. Sendl birnäçe artykmaç ädimleri ätmeli boldy, munuň üçin azajygam bolsa güýç sarp etdi, dem almak üçin gymmatly wagtynyň bir ülüşini ýitirdi. Her gezek raund başlananda King öz künjeginden öňe garşy haýallyk bilen süýşýärdi, şeýdip garşydaşyny aralygyň köp bölegini geçmäge mejbur edýärdi. Raundyň ahyrynda bolsa, tutluşygy öz künjegine golaý ýerde geçirýärdi we tebil kakylan dessine artykmaç ädim ätmezden öz oturgyjyna çökýärdi.
Mundan soňky iki raundda hem King öňküsi ýaly, garşydaşynyň tersine güýjüni aýady. Sendl söweşi tizräk tamamlamagyň kül-külüne mündi. Bu Kinge ýeňil düşmedi, bihasap urgularyň ençemesini iýmeli boldy. Şonda-da ol zaldaky ýaşlaryň

gykylygyna we kellesi gyzyp, huşy göçenleriň urşa çagyrýan talabyna pitiwa bermän, erjellik bilen güýjüni aýamagyny dowam etdi. Altynjy raundda Sendl ýene-de ýalňyşlyk goýberdi. Ýene-de Kingiň küdüň ýaly sag eli howada galgap gitdi. Ýene-de äňine jaýdar degen urgudan soň Sendl dokuz sekunt sanalýança ýerinden galyp bilmän ýatdy.
Eýýäm ýedinji raundda Sendl özünde öňküleri ýaly ynam duýmady. Ol öz çeninden has agyr tutluşyga baş goşanyna düşündi. Tom King gojalypdy. Ýöne Sendl henize çenli bular ýaly goja bilen güýç synanyşyp görmändi; King aljyraňňy däl, goranmaga uçursyz ökde, urgulary bolsa, edil serdesse degen ýaly edýär. Ýumruklarynda garşydaşyny seňseledip biljek güýç bar ýaly duýulýar. Şeýle-de bolsa, King ýygjam ýumruk salmaga milt etmedi. Ol özüniň sandan çykan şikesli bogunlaryny bir pursatam ýatdan çykarmaýardy. Söweşiň ahyryna çenli barmagynyň süňkjagazlary çydam eder ýaly her bir urgusynyň hasaplydygyna gözi ýetip durdy. Öz künjeginde bäsdeşine garap oturyşyna ol oslagsyz ýerden Sendliň ýaşlygy bilen özüniň hususy tejribesi birleşen ýagdaýynda agyr agramda dünýäniň çempionynyň döräp biljekdigi barada oýlandy. Ýöne bar gepem şonda-da. Sendl hiç wagt dünýäniň çempiony bolmaz. Häzir oňa ýetmeýän zat – tejribe. Ony edinmek üçin diňe öz ýaşlygyny gurban bermeli bolar. Ýeterlik tejribe toplan mahaly bolsa ýaşlygy tapdyrmaz. King tejribe arkaly bilýän ähli artykmaçlyklaryny ulandy. Ol klinç**** ýagdaýyndan peýdalanmak mümkinçiligini bir gezegem sypdyrmady. Özem şo ýagdaýda egni bilen Sendliň gapyrgasyna birsyhly hürseklemegini dowam etdi. Ringde garşydaşyňy awundyrmak üçin egin bilen ýumruga taý geljek zat ýok. Ýöne güýji tygşytlamak babatda egniň artykmaçlygy has uly. Üssesine-de King klinç ýagdaýynda bar agramyny Sendliň üstüne atyp, dynç alýardy we göwünsiz aýrylyşýardy. Entek dynç almak diýen zady bilmeýän Sendliň kömegi bilen olary aýrylyşdyrmak üçin her gezek emin ara girmeli bolýardy. Sendl bolsa okgunly hereketler bilen galgaýan ellerini öz ugruna goýberip, muskullaryny gowşadyp biljek däldi. King egnini güýç bilen garşydaşynyň gapyrgasyna diräp, kellesini onuň çep goltugynda gizlän mahaly Sendl sag elini Kingiň arkasyndan aýlap,

birsyhly ýüzüne ýumruk inderýärdi. Bu köpçüligi bolşundan beter haýran galdyrmak üçin ulanylýan bir tärdi. Ýöne howply däldi. Özi-de güýji peýdasyz sarp etmekden başga berýän netijesi ýokdy. Şoňa görä-de urgulara gaýduwsyzlyk bilen döz gelip duran Kingiň diňe içi gülýärdi.
Sendl Kinge garşy sag eli bilen gazaply urgy gönükdirdi. Kesesinden seretseň, bu gezek King almytyny aldy diýdirýärdi. Ýöne ringiň hemişelik toşmaşakärleriniň käbiri urgy degmeziniň öň ýanynda Kingiň çep eliniň çalasynlyk bilen garşydaşynyň tirsegine galtaşyp gidendigini görüp ýetişdi. Dogry, Sendliň her bir urgusy nyşana degmesine-hä degýärdi, ýöne her gezek onuň tirsegine Kingiň eliniň galtaşmagy bilen azajygam bolsa urgularyň bady gaçýardy. Dokuzynjy raundda tirseginden epilen sag eli bilen King bir minudyň dowamynda üç gezek Sendliň äňine suňşurdy. Üçüsinde-de Sendl bar agramy bilen ýere ýazyldy. Her gezegem dokuz sekuntdan soň seňselän ýaly aýak üstüne galdy. Güýji egsilmedigem bolsa, ol çalasynlygyny görnetin ýitirdi. Eserdeň hereket etdi. Ýüzi hyrsyzlandy. Ýöne öňküsi ýaly özüniň esasy daýanjyna — ýaşlyga bil baglady. Kingiň esasy baýlygy tejribedi. Kuwwaty kemelip, söweşjeň ruhy asgynlap başlansoň, ol güýjüni aýawly ulanyp, köpýyllyk darkaşlarda toplanan pähime we hilä gol berdi. Ýeke bir artykmaç hereketleri etmezige däl, eýsem, garşydaşynyň güýjüni ýele sowurmaga-da türgenleşdi. Garşylyklaýyn hüjüme geçjek bolýan deý aýagy, eli, tutuş göwresi bilen aldawçy hereketler edip, Sendli gaýta-gaýta yza çekilmäge mejbur etdi. King dynç aldy, ýöne Sendle demini dürsemäge birjigem maý bermedi. Gojalygyň söweş kadasy şeýledi.
Onunjy raundyň başynda King çep eli bilen gönümel urgulary Sendliň ýüzüne gönükdirip, onuň hüjümlerini yza serpikdirip ugrady. Sendl bolsa seresaply ýagdaýa geçdi, çep eli bilen gorandy, soňra bolsa sag elini gapdaldan aýlap, garşydaşynyň kellesine urgy indermek bilen jogap berdi. Onuň urgusy ýowuz netije bererden birneme ýokardan geçdi. Emma ol urgy ilki degende Kingde birmahallarky tanyş ahwaly — göýä beýnisini nähilidir bir gara perde örten ýaly duýgyny oýardy. Göz açyp-ýumasy salymlyk ol ähli zady unutdy. Garşydaşy gözüniň öňünden

gaýyp boldy, onuň arkasynda bisabyr garaşýan ak ýüzlerem ýitdi. Şo pursatyň özünde-de gaýtadan garşydaşyna hem tomaşakärlere gözi düşdi. Ol edil bir pursatlyk uka gidip, şo pursatda-da oýanyp, gözüni açan ýaly boldy. Bujagaz pursat şeýle bir gysga boldy, hatda King ýykylmaga-da ýetişmedi. Tomaşakärler onuň yraň atyp gidenini, dyzlarynyň sandyramasyny gördüler. Ýöne ol şo bada özüni rastlady, çep eli bilen goranyp, äňini gizledi.

Sendl şeýle urgularyň birnäçesini dowamly gaýtalap, Kingi ýarym seňse ýagdaýa saldy. Ol bolsa goranmagyň we şol bir wagtda-da hüjüm etmegiň aýratyn usulyny saýlap aldy. Garşydaşynyň ünsüni öz çep eline çekip, ýarym ädim yza süýşdi, şo pursatda-da sag eliniň bar güýjüni oňa garşy gönükdirdi. Urgy şeýle bir takyk ölçenendi, Sendliň öňe omzan pursatynda ýumruk onuň göni ýüzüne degdi-de, şo ýerden çiň arkan aşak gaýtdy, kellesi we egni gütläp ýere degdi. King bu usuly bassyr iki gezek gaýtalady, soňundan garşydaşyny urgana gysyp, güýjüni aýaman, onuň üstüne urgulary doly ýaly ýagdyrdy. Ol Sendliň demini dürsemegine, aýňalmagyna birjigem maý bermedi, ýerlerinden zompa turan tomaşakärleriň gykuwy hem gürrüldili el çarpyşmalary astynda aldygyna urdy. Ýöne Sendliň güýç-kuwwaty-da, çydamlylygy-da ýerbe-ýerdi, ol entegem garşylyk görkezýärdi. Gutulgysyz nokaut golaýlapdy, munuň soňunyň ýaramaz ýagdaý bilen gutarmagynyň mümkindigine göz ýetiren polismen***** söweşi togtatmak üçin meýdançanyň öňünde peýda boldy. Raundyň tamamlanandygyny habar berýän tebil kakyldy. Sendl yraň atyp, öz künjegine bardy, ýagdaýynyň örän oňatdygyny polismene ynandyrdy, delil üçin iki gezek böküp görkezdi. Şondan soň polismen yza döndi.

Tom King haşlap, arkan gaýşyp, öz burçunda otyrdy. Lapykeçdi. Söweşi togtadan bolsadylar, emin onuň peýdasyna karar çykarmaly bolardy, baýragy-da oňa bererdiler. Ol Sendl ýaly şöhrat ýa dereje üçin tutluşyga girmändi, eýse, otuz funt üçin orta çykypdy. Indi bolsa şujagaz bir minutlyk arakesmede Sendl özüni dürsäp ýetişer. “Ýaşlyk öz diýenini gögerdýär!” diýen pikir Kingiň aňynda ýylp edip gitdi. Ol bu sözleri ilkinji gezek Stouşer Billiň emini beren agşamsy eşidendigini ýadyna

saldy. Şonda kaşaň geýnen biri söweşden soň oňa wiski hödür edipdi we arkasyna kakyp: “Ýaşlyk öz diýenini gögerdýär!” diýipdi. Ol kişi mamla ekeni. Uzak geçmişde galan şol agşam King nowjuwandy,ýaşdy. Bu gün bolsa Ýaşlyk onuň çat maňlaýynda, hanha, hol burçda otyr. Ol eýýäm tutuş ýarym sagat bäri Ýaşlyk bilen güýç synanyşýar. Ýogsa, ol gojalypdy ahyryn. Eger Sendl ýaly güýç aýaman urşan bolsady, on bäş minut hem çydap bilmezdi. Belaň körügi onuň güýjüni toplap bilmeýänligindedi. Ine, şu ýellenen damarlar we tapdan düşen, argyn ýüregi arakesme mahaly oňa güýjüni ýygnamaga maý bermeýärdi. Hawa, dogrusyny aýtsaň, ýaryşyň öň ýanynda-da onuň güýç-gurbaty egsikdi. Aýaklarynyň agralanyny, damarlarynyň dartylyp durandygyny duýýardy. Edil tutluşygyň öňüsyrasynda tutuş iki mil aralygy pyýada ýöräp geçmeli däldi! Üssesine-de ertirden bäri serinde bir dogramça etiň gaýgysy bardy. Onda karzyna et bermedik dükançylara garşy güýçli, rehimsiz ýigrenç döredi. Doýagarna iýmän ringe çykýan gojanyň dat gününe! Bir bölek sygyr eti nämejik? Özi bir sähelçe zat, bahasam bary-ýogy birnäçe penni. Ýöne şojagaz dogramçanyň Tom Kinge otuz funt sterling getirmegi mümkindi.

Tebil kakylyp, on birinji raundyň başlanýandygy yglan edilenden Sendl dereginde zat galmadyk gujuryny mazamlap, hüjüme geçdi. Bu boş haýbatyň edil boks ýaly gadymydygyna King düşünýärdi. Başda garşydaşyndan ýumruk iýmezlik üçin ol klinç ýagdaýyna geçdi, soňundan yza çekilip, Sendle dikelip durmaga maý berdi. Bu Kingiň peýdasynady. Ol çep eli bilen garşydaşyna ýalandan haýbat atyp, ony ýapyrylmaga mejbur etdi, aşakdan ýokaryk gapdal urga taýynlanyp, ýarym ädim yza süýşdi-de, çalam-çaş ediji güýç bilen Sendli ýere ýazdy. Şu minutdan başlap King Sendle demini dürsemäge pursat bermedi. Onuň özi-de ýumruk iýdi, ýöne Sendli urgana gabap, göni hem gapdal, kelte hem uzyn urgulary oňa tarap doly ýaly ýagdyrdy, garşydaşy her gezek klinç ýagdaýyndan peýdalanmak üçin bar agramyny üstüne atjak wagty bir eli bilen saklady, onuň ýykylmazlygy üçin urgana gysyp, beýlekisi bilen urgy inderdi. Tomaşakärleriň huşy başyndan göçdi, indi olaryň hemmesi Tomuň tarapyna geçdi, tas bary diýen ýaly:

– Hany, Tom! Merkini ber! Görkez, Tom! Galmaz et! Alyp barýaň, Tom! – diýip gygyryşdylar.
Final gaty gyzgalaňly boljaga çalym edýärdi. Märeke hut şeýle bolmagy üçin pul töleýärdi.
Ýarym sagadyň dowamynda diňe güýjüni aýan Tom King indi ony ýeke-täk zarbaly hüjüm üçin sarp edip ugrady. Oňa gujurynyň ýetjekdigini bilýärdi. Bu ýeke-täk çykalgady, häzir ýa-da hiç haçan! Ol çalt güýçden gaçýardy, ýöne güýji egsilmänkä garşydaşyny ýere ýazyp ýetişerin diýen umydy bardy. Hüjümi dowam edip, ura-ura, urgularynyň güýjüni hem ýetirýän zeleliniň möçberini sowuklaç ölçerip, ol Sendl ýaly ýetginjegi nokautirlemegiň kyn boljakdygyna düşünip başlady. Onuň ýaşaýyşa ukyplylygynyň we ýaşlyk çydamlylygynyň gory entekler egsilerli däldi. Hawa, Sendl gürrüňsiz uzaga gider. Bu doga boksçy. Diňe şular ýaly çeýe bedenlilerden çempionlar çykýar.
Sendl entirekledi, yraň atdy, ýöne Tom Kingiň hem aýaklary tibirdäp ugrapdy, barmaklarynyň bogunlary diýen etmejek bolýardy. Şonda-da şikesli ellerine yza baryny berýän gazaply urgulary indirmek üçin özüni mejbur edýärdi. Özi ýumruk iýmese-de, häzir ol garşydaşy ýaly tiz ysgyndan gaçdy. Urgulary nyşana degýärdi, ýöne olaryň güýji pesdi, her bir urgy bolsa ägirt uly erjelligi talap edýärdi. Aýaklary gurşunly ýalydy, olary kynlyk bilen süýreýändigi kesesinden hem görnüp durdy. Muňa garşydaşynyň janköýerleri şatlanyp, şowhunly gykylyk bilen Sendle gop berip başladylar.
Bu Kingiň çetini gyzdyrdy, güýjüni jemläp, tijenmäge mejbur etdi. Ol Sendle garşy yzly-yzyna iki urgy inderdi, çep eli bilen garnynyň ýokary ýanyna, sag eli bilen bolsa äňine. Urgular güýçli däldi, ýöne ysgyn-mydardan gaçan Sendli ýere ýazmak üçin ýeterlik boldy. Ol ýatan ýerinde galpyldaýardy. Emin onuň üstüne abanyp, gaty ses bilen ýowuz sekuntlary sanap ugrady. Onunjy sekunda çenli turmasa, Sendl ýeňilýär. Tomaşakärleriň demi tutuldy. King aýak üstünde zordan durdy, mejalsyz göwresi ýere siňip barýardy, başy aýlanýardy, gözüniň öňünde sansyz adam ýüzleri tolkun atýardy, sekunt sanaýan eminiň sesi bolsa, uzaklardan bir ýerlerden eşidilýärdi. Emma ol tutluşykda ýeňendigine ynamlydy. Beýle ýumruk iýen adam

ýerinden turup bilmeli däldi.
Diňe Ýaşlyk tutup biljekdi we Sendl ýerinden galdy! Dördünji sekuntda ol ýüzinligine öwrülip, edil kör ýaly sermeläp, urgandan ýapyşdy. Ýedinji sekuntda bir dyzyna galyp, hähini aldy, kellesi serhoşuňky ýaly ikibaka uranýardy. Emin: “Dokuz!” diýip gygyranda Sendl eýýäm aýak üstünde, çep elini ýüzüne, sag elini bolsa garnyna tutup, gorag ýagdaýynda durdy. Şeýdip, özüniň has ynjyk ýerlerini goraglap, ol klinç ýagdaýynda biraz wagt utmak üçin öňe – Kinge tarap yraň atdy. Sendl öňe ädeninden King oňa garşy okduryldy, ýöne garşydaşynyň garşylygyna duçar gelip, onuň iki urgusynyň bady gaçdy. Oňa çenli Sendl klinç ýagdaýyna geçdi-de, eminiň ara düşmegine umytsyz garşylyk görkezip, Kinge ýelimlenen ýaly bolup durdy. King boşamak üçin elinden geleni etdi. Ol Ýaşlygyň özüni neneňsi çalt tutup bilýändigini, Sendliň demini dürsemegine päsgel berip, diňe şeýdip ony ýeňip boljakdygyny oňat bilýärdi. Göwnejaý bir urgy işi tamamlap biljek. Sendl ýeňildi, gümansyz ýeňildi! King ony urup ýykdy, söweş başarnygy bilen ondan ökde çykdy, köp utuk toplady.
Klinç ýagdaýyndan çykansoň, Sendl entirekledi, onuň ykbaly gylyň üstündedi. Ýekeje ykjam urgy bilen çalam-çaş edýäň, wessalam – iş tamam! Tom King ýene hasrat bilen bir dogramça et barada oýlandy, ahyrky, aýgytlaýjy hüjüm üçin ýürekselik edinip bilmändigine ahmyr etdi. Şol urgy üçin bar gujuryny jemläpdi, ýöne onuň güýji-de, çakganlygy-da kemter boldy. Sendl yraň atsa-da, ýykylmady, urgana ýaplanyp ýapyşdy. King ätmer-sätmer edip, garşydaşyna ýöneldi, çydap bolmajak agyra döz gelip, oňa garşy ýene bir urgyny inderdi. Ýöne onuň ähli güýç-kuwwaty gaçypdy. Häzir ysgynsyzlyk zerarly kütelişen hem bulaşyp ugran söweşjeň aňyndan başga hiç zat galmandy. Äňe gönükdirilen urgy egne degdi. Ol ýokaryny nyşana alypdy, ýöne argyn muskullar diýen etmedi, onuň özi-de zordan aýak üstünde durdy. King gaýtadan urdy. Bu gezek ol has-da sowa düşdi. Halys usurgap, Sendle söýendi, ýykylmazlyk üçin ondan ýapyşdy.
Indi Kingiň gozganasy gelenokdy. Ol elinden geleni etdi, onuň üçin ähli zat gutardy. Ýaşlyk bolsa öz diýenini gögerdýär. Sendle söýenip, klinç ýagdaýynda durka ol onuň

gitdigiçe berkeýändigini duýdy. Emin olary aýrylan mahaly King gözüniň öňünde Ýaşlygyň öz güýjüni neneňsi dikeldýändigini gördi. Sendl pursat saýyn güýç ýygnaýardy: onuň başky gowşak hem nyşana ýetmeýän urgulary soňabaka has ýowuzlaşdy, hatasyz degip ugrady. Tom King edil dumanyň içinde görýän ýaly, ellikli ýumrugyň öz eňegine çenelip gelýändigini saýgardy, elini öňe tutup goranmak isledi. Ol howpy gördi, herekete geçmekçi boldy, ýöne eli ýokary galardan has agyrdy. Hamana, gurşun aslyşyp duran ýaly ýokary galmaýardy. King ähli erkini jemläp ony galdyrmakçy boldy. Şol pursatda-da ellikli ýumruk gelip nyşana degdi. Ýiti agyry Kingi tok uran ýaly etdi we ol tümlüge düşüp, ýitip gitdi.
Gözüni açanda ol öz künjünde, oturgyçda oturan eken. Tomaşakärleriň sesi Bondi-Biç deňiz tolkunlarynyň güwwüldisi ýaly eşidildi. Kimdir biri ýeňseçukuryna çygly esgi goýdy, Sid Selliwen ýüzüne hem döşüne jana ýakymly sowuk suw guýdy. Ellikler eýýäm çykarylypdyr. Sendl bolsa, onuň üstüne abanyp, elini gysdy. Kingde özüni ýoldan aýran bu adama ýamanlyk ýokdy, şonuň üçinem tüýs ýürekden el gysma bilen jogap berdi, şonda onuň ýenjilen bogunlaryndaky agyry-yza özüniň bardygyny duýdurdy. Soňra Sendl ringiň ortasyna çykdy, ýaş Prontonyň çagyryşyny kabul edýändigini aýdyp, goýumy ýüz funta çenli ýokarlandyrmagy teklip edende gowur-galmagal bir pursatlyk kiparlady. King ýüzüni we endamyny süpürip, özüni ringden düşüp gitmäge taýynlaýan kömekçilerine biparh seretdi. Ol özüniň ajyganyny duýdy. Bu ýygy-ýygydan gaýtalanýan adaty açlyk däl-de, nähilidir bir surnukdyryjy, döş gapyrgalarynyň astyndan bütin endamyna ýaýraýan yzaly sandyramady. Ol ýene-de söweş barada, Sendliň zordan aýak üstünde duran wagty, özüniň ýeňşiň bäri ýanyndan gaýdan pursaty barada pikir etdi. Wah, bir dogramça et işiň hötdesinden geljekdi! Aýgytlaýjy urgyny inderen wagty, ine, oňa ýetmedik zat, ine, onuň ýeňilmegine sebäp bolan zat! Hemmesi şu bir dogramça et zerarly!
Kömekçileri onuň urganyň astyndan geçmegi üçin goltgy berdiler. Ýöne King olary iteledi, eglip, urganlaryň arasyndan özi geçdi, kynlyk bilen aşak böküp düşdi. Ýol arçap barýan kömekçileriniň yzy bilen ol märekeden ýaňa hyň berýän esasy

geçelgeden ýöredi. Geýim çalşyrylýan ýerden çykyp, westibýulyň üsti bilen daşky gapyny açan wagty haýsydyr bir ýetginjek ony saklady.
– Sendl eliňde mahaly nämüçin oň külüni çykarmadyň? – diýip, ol sorady.
– Aý, bar, jähennem bolsan-aý! – diýip, Tom King basganҫaklary sanap ýanýoda düşdi.
Burçdaky meýhana gapylaryny giňden açypdyr, King yşyklary we ýylgyrjaklaýan hyzmatçy gyzlary gördi, tutluşyk barada jedelleşýän sesleri, teňňeleriň ýiti şyňňyrdysyny eşitdi. Kimdir biri ony çagyryp, içgi hödür etdi. Ol başyny yrap, çakylykdan boýun gaçyrdy we öz ýoly bilen ýöredi.
Kisesinde kör-köpügi-de ýokdy, şol sebäpli öýüne çenli iki mil aralyk oňa tükeniksiz bolup göründi. Hawa, ol indi gojalýar! Domen parkynyň içinden ötüp barýarka King birdenkä oturgyja çökdi. Tutluşygyň nähili gutaranyny bilmek üçin uklaman özüne garaşyp oturan görgüsiýaman aýaly ýadyna düşüp, şo bada başy çaşdy. Bu islendik nokautdan agyrdy, aýaly bilen ýüzbe-ýüz görüşmek çekip-çydap bolmajak derejede ejirlidi.
Ol süňňünde görlüp-eşidilmedik ysgynsyzlyk duýdy. Şikesli bogunlaryndaky agyrylar oňa nähilidir bir iş tapdyraýanda-da, azyndan bir hepde eline pil ýa-da kerki alyp bilmejegini ýatlatdy. Döş gapyrgalarynyň astynda açlykdan dörän sandyrama ýüregini bulady. Betbagtlyk ony ejizletdi, gözlerinden öwrenişilmedik ýaş akdy. Eli bilen ýüzüni tutup aglap oturyşyna Stouşer Billi ýatlady, şol agşam onuň nähili eýini ýetirenini hakydasyna getirdi. Görgüli, goja Stouşer Bill! Geýim çalşyrylýan ýerde Billiň nämüçin aglandygyna King häzir oňat düşündi.

**polpenni – Awstraliýanyň ozalky ownuk pul birligi.*
***şilling – Awstraliýada ozalky ownuk pul birligi.*
****mil – Bir müň alty ýüz metr çemesi uzynlygy aňladýan ölçeg birligi.*
*****klinç – Boksda garşydaşyň urgy indermegine maý bermezlik üçin oňa gysylyp, ellerini saklamak täri.*
******polismen – Awstraliýada, ABŞ-da we başga birnäçe ýurtda*

*polisiýa işgäri.*

Jek LONDON.

Terjime eden Kakamyrat ATAÝEW. Hekaýalar